OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

# “TÜRKMENISTANYŇ NEBITI WE GAZY - 2026" ATLY 31-NJI HALKARA MASLAHATY WE SERGISI

## SERGI BROŞÝURASY

ENERGETIKA. HYZMATDAŞLYK. ÖSÜŞ.

www.expo.ogt-turkmenistan.com

# OGT EXPO 2026 BARADA

Özüniň dördünji onýyllygyna gadam basýan OGT Expo 2026 sergisi Türkmenistanyň esasy halkara energetika ulgamynyň 31-nji gezek geçirilişidir. Otuz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda OGT milli uglewodorod pudagynyň durnukly ösüşini goldamakda, halkara energetika gepleşiklerini berkitmekde hem-de nebitgaz we energetika pudaklaryna strategik maýa goýumlaryny çekmäge ýardam bermekde kesgitleýji orun eýeläp gelýär.

Häzirki wagtda OGT Expo 2026 Merkezi Aziýada iň uly we iň täsirli energetika çäresi hökmünde ykrar edilýär. Ol ýokary derejeli döwlet edaralarynyň wekilleriniň, milli energetika kompaniýalarynyň, halkara maýadarlarynyň, inženerçilik düzümleriniň öňdebaryjylarynyň we bütindünýä tehnologiýany üpjün edijileriniň arasyndaky özara gatnaşyklar üçin esasy meýdança bolup hyzmat edýär.

OGT Expo 2026 geçirilmegi Türkmenistanyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmeklige, tehnologik innowasiýalary ornaşdyrmaklyga, ekologiýa jogapkärçiligine eýermeklige we özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmeklige bolan uzak möhletleýin ygrarlylygyny tassyklaýar.

OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

# GUTLAG ÝÜZLENMESI

**Hormatly gatnaşyjylar,**
**Siziň Alyhezretleriňiz,**
**Hanymlar we jenaplar,**

Sizi «Türkmenistanyň nebiti we gazy – OGT Expo 2026» 31-nji halkara sergisinde we maslahatynda garşylamaga şatdyrys.

Otuz ýyldan gowrak wagtyň dowamynda OGT konstruktiw halkara energetika hyzmatdaşlygy üçin abraýly meýdança bolup hyzmat edýär. Bu forum Türkmenistanyň global energetika howpsuzlygyny berkitmäge, özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem-de uglewodorod serişdeleriniň jogapkärli we durnukly özleşdirilmegini üpjün etmäge gönükdirilen yzygiderli döwlet syýasatyny şöhlelendirýär.

Dünýäde hasaba alynan tebigy gaz gorlary boýunça iň iri döwletleriň biri bolan Türkmenistan, energetikanyň ähli tapgyrlarynda ekologiýa jogapkärçiligi we tehnologik döwrebaplaşdyrma ýörelgelerine esaslanýan deňagramly energetika syýasatyny ýöretmegini dowam etdirýär. Gözleg we çykaryş, gazy gaýtadan işlemek, nebit-himiýa hem-de serhetüsti energetika infrastrukturasyny ösdürmek ýaly iri başlangyçlar ýurduň uzak möhletleýin strategik garaýyşlaryny we halkara maýa goýumlary hem-de hyzmatdaşlyk üçin açykdygyny görkezýär.

OGT Expo 2026 döwlet edaralarynyň, milli kompaniýalaryň, halkara energetika korporasiýalarynyň, maliýe institutlarynyň we öňdebaryjy tehnologiýany üpjün edijileriň arasynda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak üçin ulgamlaýyn gurşawy döredýär.

31-nji OGT sergisiniň geçirilmegi halkara hyzmatdaşlygyň has-da berkemegine, şeýle hem innowasiýalar, maýa goýumlar we umumy abadançylyk üçin täze mümkinçilikleriň döremegine ýardam berjekdigine ynanýarys.

OGT Expo guramaçylyk komiteti

OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

## OGT EXPO 2026-NYŇ KONSEPSIÝASY

OGT 2026 Türkmenistanyň energetika pudagynda işewürlik mümkinçiliklerini öwrenmek üçin döwlet edaralarynyň wekillerini, maýadarlary we pudagyň öňdebaryjylaryny birleşdirýän nebitgaz we energetika senagatynyň esasy halkara meýdançasy bolup çykyş edýär. Sergi aşakdakylar üçin üýtgeşik meýdançany hödürleýär: hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak, innowasion tehnologiýalary görkezmek, energetikanyň geljegini ara alyp maslahatlaşmak

## REKORD DEREJÄ ÝETEN ŞANLY 30-NJY NEŞIR – OGT 2025

«Türkmenistanyň nebiti we gazy» atly 30-njy ýubileý sergisi bu çäräniň ösüşinde taryhy tapgyr boldy. Sebitiň öňdebaryjy energetika meýdançasy hökmünde üç onýyllygyň bellenilmegi, halkara gatnaşyklaryň we pudak wekilleriniň işjeňliginiň görlüp-eşidilmedik derejesini görkezdi.

2025-nji ýylyň 22-24-nji oktýabry aralygynda geçirilen «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» 30-njy halkara maslahaty we sergisi 70-den gowrak ýurtdan 20 000-den geçýän myhmanlary we wekilleri kabul edip, OGT-niň Merkezi Aziýanyň esasy energetika çäresi hökmündäki derejesini tassyklady. Şanly sene forumy döwlet edaralarynyň ýolbaşçylaryny, milli energetika kompaniýalaryny, nebitgaz pudagynyň halkara operatorlaryny, inženerçilik potratçy guramalaryny, maliýe institutlaryny we tehnologik innowatorlary birleşdirip, işewürlik gatnaşyklarynyň we strategik hyzmatdaşlygyň ýokary derejesini üpjün etdi.

Gazanylan netijelere esaslanyp, OGT Expo 2026 sergisiniň ozalky görkezijilerden hem geçmegine garaşylýar. Bu bolsa Türkmenistanyň energetika pudagyna bolan halkara gyzyklanmanyň artýandygyny hem-de onuň sebit we global energetika bazarlaryndaky ornunyň barha berkeýändigini görkezýär.




OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

“OGT 2026 Türkmenistanyň energetika pudagynyň ösüşi barada döwrebap maglumatlary almak üçin ajaýyp mümkinçilik döredýär. Şu ýylyň gün tertibi üýtgäp duran global energetika gurşawynyň hakykatlaryny, şol sanda energetika geçişini çaltlandyrmagyň zerurlygyny hem-de dünýä bazarlaryny ekologiýa taýdan has arassa energiýanyň zerur mukdary bilen üpjün etmek maksady bilen täze gaz ýataklaryny özleşdirmäge maýa goýumlaryny çekmek meselelerini özünde jemleýär.”

**Maksat Babaýew**

Türkmenistanyň Döwlet ministri –
«Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy

OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

## STRATEGIK ÄHMIÝETI

Türkmenistan subut edilen tebigy gaz gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär we Ýewraziýanyň energetika ulgamynda strategik taýdan möhüm orna eýedir. OGT Expo 2026 gözleg we çykaryş ulgamyndaky esasy başlangyçlar, şol sanda «Galkynyş» gaz ýatagy, TAPI ýaly serhetüsti düzümleýin taslamalar, Hazar deňziniň türkmen bölegindäki ofşor taslamalary, şeýle hem barha giňeýän gazy gaýtadan işleýän we nebit-himiýa toplumlary boýunça göni gatnaşyklary ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Bu çäre ýurduň nebiti gaýtadan işleýän pudagyny döwrebaplaşdyrmaga, senagat diwersifikasiýasyna, energetika geçişiniň tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga hem-de metan zyňyndylaryny azaltmak boýunça başlangyçlara ygrarlydygyny görkezýär. Şeýlelikde, sergi we maslahat milli energetika strategiýasy bilen halkara maýasynyň arasynda institutlar derejesindäki köpri bolup hyzmat edýär hem-de döwlet edaralary bilen global işewürlik jemgyýetçiliginiň arasynda ulgamlaýyn gepleşikleriň ösmegine ýardam berýär.



# OGT EXPO 2025
# ESASY STATISTIKI MAGLUMATLAR




**Ýewraziýanyň iň iri energetika çäresi**

**20 000+**
Myhmanlaryň we wekilleriň umumy sany

**70+**
Gatnaşyjy ýurtlar

**1 000+**
Maslahatyň wekilleri

**100+**
Sergä gatnaşyjy kompaniýalar

**4 000**
(m²) sergi meýdany

**1 000+**
B2G we B2B duşuşyklary

# PUDAKLARA BÖLÜNIŞI BOÝUNÇA

ENERGETIKA WE SENAGAT ÇÖZGÜTLERI



SERIŞDELERIŇ DURNUKLY ÖSÜŞI



SÖWDA WE HYZMATLAR



SANLY TEHNOLOGIÝALAR WE ELEKTRON SÖWDA



EMELI AŇ TRANSFORMASIÝASY



SARP EDIŞ WE SENAGAT HARYTLARY



BILIM WE HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAK



TEBIGY GAZ - ARASSA ENERGETIKA GEÇIŞI



NEBIT - TÄSIRLILIGINI WE ÇYKARYLYŞYNY ÝOKARLANDYRMAK



GEOLOGIÝA - GÖZLEG WE SERIŞDELERIŇ KARTALARYNY DÜZMEK



NEBIT-HIMIÝA - SENAGAT GIŇELDIŞI WE INNOWASIÝALAR



METAN ZYŇYNDYLARYNY AZALTMAK WE DURNUKLY ÖSÜŞ – «ÝAŞYL» ENERGETIKA GEÇIŞI



# OGT EXPO 2026-a näme üçin gatnaşmaly?

OGT Expo gatnaşmak Türkmenistanyň energetika strategiýasyny kemala getirýän ýokary derejeli ýolbaşçylar bilen göni gatnaşyklary üpjün edýär. Ol dünýäniň iň uly tebigy gaz gorlarynyň birine elýeterliligi berýär hem-de kompaniýalara senagat döwrebaplaşdyrmasynyň we yzygiderli energetika geçişiniň tapgyrynda bolan bazarda öz ornuny eýelemäge mümkinçilik döredýär. Meýdança sebit we halkara maýadarlaryna elýeterliligi üpjün edýär, döwlet bilen işewürligiň arasynda ulgamlaýyn gepleşikleriň ýola goýulmagyna ýardam berýär, şeýle hem Merkezi Aziýanyň öňdebaryjy energetika forumynyň çäklerinde brendiň tanalmagynyň ýokary derejesini hödürleýär.

**GURAMAÇYLAR**

**ÝARDAMÇY GURAMAÇY**

TEF Turkmen Energy Forum

**OGT 2025-IŇ HEMAÝATKÄRLERI**

CLS Caspian Logistics Solutions, SOCAR, Dragon Oil, PETRONAS, ÇALIK ENERJi, ADNOC, CNPC, YUG NEFTEGAZ

HYPERION, PANASIA, AUGUSTE OIL & ENERGY, eni, slb, ZOOMLION, GAP İNŞAAT

**GEÇEN ÝYLYŇ EKSPOZISIÝALARY: DÖWLET KONSERNLERI, MILLI WE HALKARA KOMPANIÝALAR**

Baker Hughes, Sinopec, HAZAR logistik, iLK CONSTRUCTION, MIRKA TRADE DMCC, ÝGH "ÝÜK GÖTERIJI HYZMAT" HUSUSY KÄRHANASY, ТОРГОВЫЙ ДОМ КУШВИНСКИЙ ТРУБНЫЙ ЗАВОД

S&P Global Commodity Insights, Garagum Hazynasy, ASG «Arassa Söwda we Gurluşyk» Hususy Kärhanasy, RG Total Energy Solutions, NDT Nurly Deniz Tumary, Pietro Fiorentini, Sumitomo Corporation, HGE, EKG, GUJURLY INŽENER, ATM

**MEDIA HYZMATDAŞLAR**






# OGT 2026

**INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO**





OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

## HALKARA GATNAŞYGY

OGT-niň mundan öňki sany 70-den gowrak ýurtdan 20 000-den gowrak wekili birleşdirdi. Gatnaşyjylaryň arasynda milli energetika kompaniýalary we degişli ministrlikler, halkara nebitgaz kompaniýalary we EPC-potratçylary, köptaraply maliýe institutlary, diplomatik wekilhanalar, global hyzmaty üpjünç edijileri, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bar.

Dünýäniň iri energetika korporasiýalarynyň we maliýe institutlarynyň yzygiderli gatnaşmagy OGT-niň ýokary derejeli we strategik ähmiýetli halkara forumy hökmündäki abraýyny berkitmäge ýardam edýär.






OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

# ÝOLBAŞÇYLARYŇ IŞEWÜRLIK GATNAŞYKLARY WE TELEKEÇILIGE ÝARDAM BERMEK

OGT Expo özara bähbitli gatnaşyklary we ölçenip bilinýän täjirçilik netijelerini gazanmaga maksimal derejede ýardam bermek üçin niýetlenendir. Networking üçin ýörite bölünen zolaklar we işewürlik duşuşyklarynyň ulgamlaýyn görnüşleri ýokary derejeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin amatly gurşawy kemala getirýär.

Executive Networking Lounge zolagy resmi bolmadyk aragatnaşyk üçin hünär gurşawyny üpjün edýär, şol bir wagtyň özünde-de kompaniýalaryň tanyşdyryş meýdançasy eksponentlere öz tehnologiýalaryny, hyzmatlaryny we maýa goýum tekliplerini degişli pudaklaýyn diňleýjilere hödürlemäge mümkinçilik berýär.




## Strategik B2B hyzmatdaşlyk zolagy

B2B işewürlik duşuşyklary zolagy gelýänler we eksponentler üçin hünär gurşawyny döredip, netijeli gepleşikleriň geçirilmegine we hyzmatdaşlyk geljeginiň ara alnyp maslahatlaşylmagyna ýardam berýär. Şeýle-de ol hünär gatnaşyklarynyň berkemegine, işewürlik mümkinçilikleriniň giňelmegine we Türkmenistanda telekeçiligiň mundan beýläk-de ösmegine goşant goşýar. Geçen ýylky serginiň çäklerinde 500-den gowrak işewürlik duşuşygy geçirildi.



## Networking we arakesme zolagy

Networking we kofe-breýk zolagy myhmanlaryň we gatnaşyjylaryň resmi bolmadyk aragatnaşygy üçin amatly gurşawy döredýär. Ol işewürlik gatnaşyklarynyň ýola goýulmagyna, özara täsir ulgamynyň giňelmegine we Türkmenistanda telekeçiligiň mundan beýläk-de ösmegine ýardam berýär.



## OGT EXPO açyk sergi meýdançasy

Esasy sergi merkeziniň hut ýanynda ýerleşýän açyk meýdança ulaglary we beýleki iri göwrümli tehniki enjamlary görkezmek üçin ýeterlik ýer hödürleýär. Meýdança toplumyň ähli tarapyndan oňat görünýär we esasy zalyň göni golaýynda ýerleşýär.




## Kompaniýanyň tanyşdyryşyny geçirmek mümkinçiligi

OGT Expo çäklerinde kompaniýalara öz önümlerini we hyzmatlaryny degişli diňleýjilere hödürlemäge mümkinçilik berýän ýörite tanyşdyryş zolagy göz öňünde tutulandyr. Wagty bolsa sentýabr aýynyň ahyryna çenli şu çykgyt arkaly sowalnamany doldurup bron etmek zerurdyr: https://expo.ogt-turkmenistan.com/en/presentation-request Arza tabşyrylandan soň, «Türkmen Energiýa Forum» topary siziň degişli diňleýjileriňiz bilen habarlaşar we olaryň tanyşdyryşa çagyrylmagyny üpjün eder. Elýeterli wagt slotlarynyň sany çäklidir we olar «birinji gelen — birinji hyzmat alar» ýörelgesi esasynda berilýär.

# OGT MASLAHATYNDAN ÖŇKI ÇÄRELER





**OGT 2026**

**INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO**





# OGT 2026 Maksatnamasy




## OGT EXPO SERGISINIŇ AÇYLYŞ DABARASY

**1-nji gün** Çarşenbe, 2026-njy ýylyň 21-nji oktýabry

10:00 - 10:30 - - - - - - - - - - **TSSE sergi zaly**

**ŞENÄNI ÝATDAN SAKLAŇ**

2026-njy ýylyň 21-23-nji oktýabry
Aşgabat, Türkmenistan
www.expo.ogt-turkmenistan.com




OGT EXPO SERGISI BILEN TANYŞLYK WE NETWORKING

**1-nji gün** Çarşenbe, 2026-njy ýylyň 21-nji oktýabry

10:00 - 10:30 ---------------------------- **TSSE sergi zaly**

**SERGI MEÝDANÇANY BRONLAŇ:**

www.expo.ogt-turkmenistan.com/en/registration




OGT EXPO SERGISINIŇ ÝAPYLYŞ WE SYLAGLAÝYŞ DABARASY

**DAY 3**

Anna, 2026-njy ýylyň 23-nji oktýabry

14:00 - 14:30 **TSSE sergi zaly**

Has giňişleýin maglumat üçin: **+993 12 41 40 08;**

ýada E-poçta: **info@tef-turkmenistan.com**



# OGT 2026-DA KIMLER BILEN DUŞUŞARSYŇYZ?

«Türkmenistanyň nebiti we gazy» (OGT) halkara maslahaty we sergisi dünýäniň energetika pudagyna esasy gatnaşyjylaryny birleşdirýär hem-de Türkmenistandaky iri taslamalar boýunça çözgüt kabul edýän şahslar bilen göni aragatnaşyk saklamak üçin ýeke-täk meýdançany hödürleýär.

Gatnaşyjylaryň arasynda - döwlet edaralarynyň wekilleri, milli energetika kompaniýalary, halkara operatorlary, inženerçilik potratçylary we tehnologiýa üpjünçileri bar.

## Milli energetika edaralary

Ýurduň energetika pudagynyň ösüşine jogap berýän Türkmenistanyň öňdebaryjy döwlet guramalarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşmak mümkinçiligi, şol sanda:

«Türkmengaz» döwlet konserni

«Türkmennebit» döwlet konserni

«Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy.

## Halkara energetika kompaniýalary

OGT sergisi gözleg, çykaryş, infrastruktura ösüşi we energetika hyzmatlaryny hödürlemek ulgamynda iş alyp barýan dünýäniň öňdebaryjy nebitgaz operatorlarynyň we energetika kompaniýalarynyň gatnaşmagyny üpjün edýär.

Gatnaşyjylaryň arasynda – Merkezi Aziýa we Hazar sebitinde iş alyp barýan halkara energetika kompaniýalarynyň ýolbaşçylary we tehniki hünärmenleri bar.

## Inženerçilik we potratçylar

Bu çäre iri energetika we infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmäge gatnaşýan inženerçilik, satyn alyş we gurluşyk ulgamyndaky öňdebaryjy halkara kompaniýalary bilen gatnaşyklary ýola goýmak üçin mümkinçilikleri döredýär.

Bu kompaniýalar gaz gaýtadan işleýän zawodlaryň, turbageçiriji infrastrukturasynyň, nebit-himiýa toplumlarynyň we senagat desgalarynyň ösdürilmeginde esasy orun eýeleýärler.




## Çözgüt kabul edýän şahslar bilen göni aragatnaşyk

Aşakdakylara wekilçilik edýän ýokary derejeli ýolbaşçylar bilen duşuşmak mümkinçiligi:

- döwlet ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary
- milli energetika kompaniýalary
- halkara nebitgaz operatorlary
- inženerçilik we hyzmat ediş kompaniýalary

OGT iri energetika we infrastruktura taslamalarynyň durmuşa geçirilmegine jogapkär bolan esasy gatnaşyjylar bilen özara täsir saklamak üçin täsirli gurşawy üpjün edýär.



## Tehnologiýalaryňyzy we çözgütleriňizi tanyşdyrmak

Sergi kompaniýalara aşakdakylary hödürlemäge mümkinçilik berýär:

- nebitgaz tehnologiýalaryny
- inženerçilik we tehniki çözgütleri
- senagat enjamlaryny
- sanly we awtomatlaşdyrylan ulgamlary
- energetika geçişiniň tehnologiýalaryny

Önümleriňiziň we hyzmatlaryňyzyň Türkmenistanyň energetika pudagynyň ösüşine nähili goşant goşup biljekdigini görkeziň.




## Işewürlik gatnaşyklaryny giňeltmek

Dünýäniň energetika senagatynyň öňdebaryjylary, hyzmatdaşlary we potensial müşderileri bilen aragatnaşygy ýola goýuň.

Sergi uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy kemala getirmek we täze işewürlik mümkinçiliklerini öwrenmek üçin meýdança döredýär.



## Ýokary derejeli pudaklaýyn gepleşiklere gatnaşmak

Sergi bilen bir hatarda, OGT maslahaty pudaklaýyn meýilleri, maýa goýum mümkinçiliklerini we energetika sektorynyň geljegini ara alyp maslahatlaşmak üçin döwlet häkimiýet edaralarynyň wekillerini, kompaniýalaryň ýolbaşçylaryny we tehniki hünärmenleri birleşdirýär.

Eksponentler maslahatyň sessiýalaryna, networking çärelerine we ikitaraplaýyn duşuşyklara gatnaşmaga hukuk alýarlar.



## Maýa goýum mümkinçiliklerini öwrenmek

Türkmenistan aşakdaky ugurlar boýunça giň gerimli taslamalary durmuşa geçirmegini dowam etdirýär:

- tebigy gazy çykarmak we gaýtadan işlemek
- turbageçiriji infrastrukturasyny ösdürmek
- nebit-himiýa we gazy monetizasiýa etmek
- deňizdäki gözleg işleri we ýataklary özleşdirmek
- senagat infrastrukturasyny ösdürmek

OGT bu başlangyçlara gatnaşmaga gyzyklanma bildirýän kompaniýalar üçin gymmatly meýdança hödürleýär.



## Brendiň tanalmagyny ýokarlandyrmak

OGT-ä gatnaşmak kompaniýalara aşakdakylaryň hasabyna sebit energetika bazarynda öz brendiniň ornuny berkitmäge mümkinçilik berýär:

- sergä gatnaşmak
- maslahata gatnaşmak
- networking çärelerine gatnaşmak
- köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde beýan edilmek

OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

# AŞGABATDA GLOBAL ENERGETIKA SENAGATYNA GOŞULYŇ

OGT 2026 Türkmenistanyň energetika pudagy bilen özara gatnaşyklary ýola goýmak we tebigy gaz gorlary boýunça dünýäniň iň iri sebitleriniň birinde täze hyzmatdaşlyklary gurmak üçin aýratyn mümkinçilik döredýär. OGT-niň öňki neşirleri 70-den gowrak ýurtdan 20 000-den gowrak wekili birleşdirdi. Gatnaşyjylaryň arasynda — milli energetika kompaniýalary we degişli ministrlikler, halkara nebitgaz kompaniýalary we EPC-potratçylary, köptaraply maliýe institutlary, diplomatik wekilhanalar, global hyzmat üpjünçileri, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bar.





# OGT 2026 SANLARDA

## Garaşylyýan görkezijiler:

**30 000+**
Myhmanlar

**100+**
Halkara ekspozisiýalary

**70+**
Wekilçilikli ýurtlar

**100+**
Pudaklaýyn çykyş edijiler





# NETWORKING MÜMKINÇILIKLERI

OGT 2026

INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO





# EKSPOZISIÝALARA GATNAŞMAGYŇ GÖRNÜŞLERI








OGT Expo islendik derejedäki kompaniýalaryň isleglerini kanagatlandyrmak üçin niýetlenen sergi paketiniň giň görnüşini hödürleýär - bu ýerde özbaşdak görnüşde stend gurmak isleýän guramalardan başlap, taýýar («açary bilen») çözgütleri saýlap alýan kompaniýalar üçin hem ähli şertler bar.
Eksponentler brending talaplaryna, tehniki isleglerine we sergidäki derejesine görä gatnaşmagyň iki görnüşiniň birini saýlap bilerler.



OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO




## «Gurluşyksyz meýdança» gatnaşmak görnüşi

**«Gurluşyksyz meýdança»** paketi eksponentlere özbaşdak görnüşli sergi stendini döretmek we gurmak üçin aňrybaşy çeýeligi üpjün edýär.
Bu görnüş şulary öz içine alýar:

- bölünen sergi meýdançasy
- bir sany ölçeg 240 W elektrik toruna birikdirme

Stendiň gurluşygy, mebel, grafiki bezeg we goşmaça hyzmatlar bu paketiň **içine girmeýär.** Eksponentler öz stendiniň taslamasyny düzmek, gurmak we gurnamak işleri üçin jogapkärçilik çekýärler.
Sergi kadalaryna we meýdançanyň howpsuzlyk talaplaryna laýyklygy üpjün etmek maksady bilen, ähli stend taslamalary öňünden **Guramaçylyk komitetine** hödürlenmeli we tassyklanmalydyr.
Kömek gerek bolan kompaniýalar üçin **«Türkmen Energiýa Forum» stendleri taslamak we gurmak boýunça hünär hyzmatlaryny hödürleýär.** Bu hyzmat her bir gatnaşyjynyň brending we sergi maksatlaryna laýyklykda taýýarlanylan, doly özbaşdak «açary bilen» çözgütlerini öz içine alýar.
Gatnaşmagyň bu görnüşi, esasan, stend gurmak üçin öz hususy potratçylary bolan we üýtgeşik sergi meýdançasyny **döretmäge çalyşýan kompaniýalar üçin has amatlydyr.**

OGT 2026
INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

## «Enjamlaşdyrylan stend» görnüşi

**«Enjamlaşdyrylan stend»** paketi eksponentlere guramaçy tarapyndan gurnalýan, ulanmaga taýýar we hünär derejesinde bezelen sergi stendini hödürleýär. Bu bolsa kompaniýalara hususy taslama düzmek we stend gurmak zerurlygy bolmazdan sergä gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Görnüş aşakdakylary öz içine alýar:

- ak diwar panelleri (beýikligi 3 metr)
- maglumat sütünleri
- iki oturgyçly gepleşikler üçin stol
- kompaniýanyň tanyşdyryşlary üçin LED ekrany
- stendiň gurluşyna kompaniýanyň logosyny ýerleşdirmek
- bir sany standart 240 W elektrik toruna birikdirme

Sergi wagtynda eksponentler LED ekranda **gysga korporatiw wideo görnüşleri ýa-da önüm tanyşdyryşlaryny görkezip bilerler.**

Gatnaşyjylara bütin çäräniň dowamynda ýardam bermek üçin **«Türkmen Energiýa Forum» iňlis we rus dillerini bilýän kömekçini hödürleýär.** Ol maslahat we sergi döwründe stendiň işini üpjün eder.

Bu bolsa kompaniýanyň wekillerine maslahat sessiýalaryna gatnaşmaga, networking we ikitaraplaýyn duşuşyklara goşulmaga, şol bir wagtyň özünde bolsa öz stendinde hünär derejesindäki işjeňligi saklamaga mümkinçilik berýär.














## Sergi stendleri üçin indiwidual «açary bilen» çözgütleri

Üýtgeşik we aňrybaşy derejede göze ilýän sergi meýdançasyny döretmek isleýän kompaniýalar üçin **«Türkmen Energiýa Forum» stendleri indiwidual taslamak we «açary bilen» gurmak hyzmatlaryny hödürleýär.**

Biziň tejribeli sergi toparymyz kompaniýanyň korporatiw görnüşine, marketing strategiýasyna we tehniki talaplaryna laýyk gelýän eksklýuziw stend konsepsiýalaryny işläp düzmek üçin eksponentler bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

«Açary bilen» çözgütleri aşakdakylary öz içine alyp biler:

- sergi meýdançasynyň berilmegi
- stendiň şahsy dizaýnynyň we wizual konsepsiýasynyň işlenip düzülmegi
- stendiň gurluşygy we gurnalmagy (montaž)
- brendlenen grafika we nawigasiýa elementleri
- yşyklandyryş ulgamlary we multimediýa çözgütleri
- mebel we gepleşikler üçin zolaklar
- serginiň bütin dowamynda tehniki goldaw

Konsepsiýany işläp düzmekden başlap, ony durmuşa geçirmäge çenli «Türkmen Energiýa Forum» hyzmatlaryň doly «açary bilen» toplumyny üpjün edýär. Bu bolsa sergi meýdançasynyň ýokary hilini kepillendirýär hem-de gatnaşyjylara ünsüni işewürlik gatnaşyklaryna we telekeçiligi ösdürmäge gönükdirmäge mümkinçilik berýär.

# SERGI STENDLERINIŇ GÖRNÜŞLERI











# SERGI STENDLERINIŇ GÖRNÜŞLERI

Enjamlaşdyrylan sergi stendiniň meýdany: 3×3 m







Enjamlaşdyrylan sergi stendiniň meýdany: 6×3 m

## SERGI STENDLERINIŇ GÖRNÜŞLERI














# OGT sergisine gatnaşmak üçin paketler

| Görnüş | Bahalary |
|---|---|
| ENJAMLAŞDYRYLAN | 770 ÝEWRO ($m^2$ üçin) |
| ENJAMLAŞDYRYLMADYK | 700 ÝEWRO ($m^2$ üçin) |
| HASABA ALYŞ TÖLEGI | 1800 ÝEWRO |
| MARKETING TÖLEGI | 500 ÝEWRO |

**ÝEŇILLIKLER**

| SERGI MEÝDANYNYŇ GÖRNÜŞLERI | GATNAŞYJYLARYŇ SANY | PEÝDALAR |
|---|---|---|
| | MEÝDANÇA (GURLUŞYKSYZ) | |
| +9 $m^2$ | 1 person | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |
| +18 $m^2$ | 2 people | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |
| +36 $m^2$ | 3 people | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |
| +45 $m^2$ | 4 people | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |
| +54 $m^2$ | 5 people | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |
| +100 $m^2$ | 10 people | Arakesmeler, günortanlyk naharlary, dabaraly agşamlyk nahary, gezelenç, sergi torbasy |






# BRENDING MÜMKINÇILIKLERI WE REKLAMA ÖNÜMLERI

Şahsy brendingli korporatiw sowgatlyklar we önümler OGT Expo sergisiniň çäklerinde gatnaşyjy kompaniýalaryň tanalmagyny ýokarlandyrmak we olaryň brendini berkitmek üçin täsirli gural bolup hyzmat edýär. Çäre wagtynda brendlenen önümleriň paýlanylmagy wekillerde, müşderilerde we pudaklaýyn hyzmatdaşlarda dowamly täsir galdyrmaga ýardam edýär, şol bir wagtyň özünde bolsa maksatly hünär gurşawynda korporatiw bitewüligi güýçlendirýär.

Eksponentler we hemaýatkärler kompaniýanyň korporatiw görnüşini ulanyp, şahsy reklama materiallaryny taýýarlamak mümkinçiligine eýedirler. Şeýle önümler serginiň we maslahatyň esasy nokatlarynda paýlanylyp, bütin çäräniň dowamynda brendiň yzygiderli görünmegini üpjün edýär.

Ýokary hilli brendlenen önümler isleg esasynda taýýarlanylyp we her bir kompaniýanyň marketing maksatlaryna laýyklaşdyrylyp bilner. Bu bolsa wekiller üçin ýatda galyjy materiallary üpjün edýär hem-de potensial hyzmatdaşlar we gyzyklanma bildirýän taraplar bilen özara gatnaşyklaryň berkemegine ýardam berýär.

# ELÝETERLI BRENDING MÜMKINÇILIKLERI WE MAHABAT ÖNÜMLERI

### *Wekiller üçin ýadygärlik sowgatlary:*

- Maslahatyň wekilleri üçin sumkalar
- Beýjikler üçin lentalar (lanýardlar) we saklaýjylar
- Wekiller üçin bellik depderçeler we ruçkalar
- Maslahat üçin brendlenen papkalar

### *Korporatiw mahabat sowgatlary*

- VIP myhmanlar üçin wekilçilikli ýadygärlik sowgatlary
- Şahsy korporatiw sowgatlar
- Premial brendlenen aksesuarlar
- Ekologiýa taýdan arassa mahabat önümleri

### *Çäräni brendleşdirmek mümkinçilikleri*

- Brendlenen hasaba alyş stendleri
- Maslahat zallary üçin materiallar
- Çykyş edýänler üçin sowgatlar we protokol ýadygärlik sowgatlary
- Wekiller üçin garşylaýyş toplumlary (welcome kits)

# ÝADYGÄRLIK ÖNÜMLERI




SIMSIZ SYÇAN




UZYN ÝEŇLI KÖÝNEK




BELLIK DEPDERÇE WE GALAM




GÖÇME BATAREÝ




EKO TORBA




KÖÝNEK




MAGLUMAT SAKLAÝJY (16 GB)




TERMOS

- ✦ Sargyt edilýan poligrafik önümler üçin dizaýn zerurdyr.
- ✦ Önümiň sanyna baglylykda baha kesgitlenýär.

# OGT 2026

## INTERNATIONAL CONFERENCE & EXPO

ENERGETIKA. HYZMATDAŞLYK. ÖSÜŞ.

BIZIŇ BILEN HABARLAŞYŇ:

+993 12 41 40 08

info@tef-turkmenistan.com

www.expo.ogt-turkmenistan.com